# Mikrobly gürrüñ / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mikrobly gürrüñ / ýumoreska MIKROBLY GÜRRÜÑ

Golaýda täze goňşuly bolduk. Heniz içgin tanşybam ýetişmändik welin, bir gün aýaly haşlap-döwşäp, ylgady geläýdi.
— Goňşy jan, näme etjegimi bilýän däldirin, kömek et. Oglanlaryň dädesi içini tutup çabalanyp ýatyr. Ýüz-gözünde dagy reňk-pet galmady.
— Bir ýokmaz zat iýen-ä däldir, goňşy?
— Wah, bilmedim-dä, dädesi şu gün aýlyjagyny alyp gelensoň begenjimden: «Gel, bir gowja nahar iýsin-le» diýip, mikroblyja çorba bişirdim. Şonuň mikrobyny köpräk atan bolaýmasam…
Meni ýyldyrym urban döndi. A-how, bu mikrob diýilýäno nahara atylýan zatmydyr? Onuň bilen ömrümde pete-pete gelmämsoň, näçe jan çeksem-de, ony hiç göz öňüme getirip bilmedim. Ýöne onuň barypýatan melgundygyny bilip durun. «Mikrobdan ägä bol!» diýen sözler beýnime ýaň salýar. «Aý, özüň-ä siňek ýaly bir zat bolsaň gerek» diýip pikir etdim. Mortamy aýtdym oturyberdim:
— Goňşy, mikrob örän zäherli maddadyr. Eger adamyň mikrobly nahar iýen bolsa, ol hökman öler.
Muny eşiden goňşymyň aýalynyň reňki öçdi, ýarym-ýaş boldy-da, yzly-yzyna sarnaberdi:
— Waý, iller nädeýin-eý, öz elim bilen mähribanymyň ganyna galdym-eý! Göz-guwanjymdan, hany-manymdan dyndym-eý! Wa-ah, ýaşlykda göwün berenim, üstünde ganat gerenim, ýatsam ýanym ýere degirmedik, tursam elim kire degirmedik, ýüregimiň parasy, gara gözümiň garasy…
Onuň päk söýgüsine, ýürekden çykýan sözlerine tolgunyp, gözýaşymy sylanymy bilmän galypdyryn…
Hernä, goňşyma zat bolmady. Içini ýel gapan bolara çemeli, ýarym sagatdan agyry bolmadyk ýaly sowulyp gitdi. Goňşymyň aýalynyň mikrob diýýäni bolsa, ukrop ekeni.
…Goňşymyň aýaly ýene bir gün öýüme geldi. Ýüzüne seredip,

çagşap gidipdirin. Gazaply.
– Goñşy-y, şo-ol mikrob diýýäniñden bar bolsa, birazrak ber diýip geldim.
– Weý-weý, sen ony näme etmekçi?
– Şu meýdi ýananyñ naharyna atjak-da, dynjak şondan. Besides, indi gören horluklarym. Şuña gelip, oñly gün gören däldirin. Iliñ heleýi ýaly aga-ýana gezen däldirin. Görenim görgi, edenim bergi bolandyr. Iýjegimi iýdirmedi, geýjegimi geýdirmedi. Itiñ artky aýagyndan suw içendirin, goñşy… Bolsa-da, maña höre-köşe edip, goñşymyñ aýalynyñ elini boş – mikrobsyz gaýtarmak başartdy. Ertesi irden daş çyksam, goñşym aýaly bilen sygyr sagyp ýören eken. Aýalynyñ egninde ukrop gülli köýnek, ýüzünden nur ýagyp dur. Bir-birlerine gülüp bakyp, «gülüm-de-balym» bular. Bir zat hakda gürrüñ edişip, hezil edip gülüşýärler.
…Düýn men goñşymyñ aýalynyñ soran ukrobyny beren bolsam, kim bilýär nähili boljagyny?!

Geldimyrat HOJAMYRADOW.

«Balkan» gazeti, 1992 ý. Satiriki hekaýalar